Adam iki gezek gelmeýär dünýä,
Ýaşalan bir ömür ýaşalsyn sünnä.
Köňülde kök uran, göwünde güllän
Bagt bagyndan paý eçilsin bu ýyllar!

Humaý guşy ganat berip perinden,
Her kes rysgal tapsyn alyn derinden.
Günler dogsun hemişeki ýerinden,
Göge rahat Aý eçilsin bu ýyllar!

Göwün sowamasyn,
gyş bolsun sowan,
Ýaradan ak ýolda ýar etsin gowa!
Gözden nur ýitmesin, sözlerden doga,
Galam gaşa ýaý eçilsin bu ýyllar!

Ýola düşen arzuw ýolda galmasyn,
Çarpaý galan yhlas atdan agmasyn.
Günler ahwalymyz gözden aňlasyn,
Şirin jana jaý eçilsin bu ýyllar!

Derýalarda kürek, asmanda ganat,
Her bir ýagşy amal – Watana tagat!
Zemine abatlyk, ýurda salamat,
Türkmenime şan eçilsin bu ýyllar!

**Kakamyrat Rejebow.**

Все права защищены